# Merdiñ pelsepesi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Merdiñ pelsepesi MERDIÑ PELSEPESI

Durmuşda gizlemän, aýtdym dogrymy,
Aldan başga boldy, aglan men boldum.
Gözüm ýumup, saklap ýörün sabrymy,
Awlan başga boldy, aglan men boldum.

Bizden bitdi agyr işleñ berjaýy,
Esgi boldy köwüşleriñ her taýy,
Iş dynansoñ arzylanan serpaýy,
Alan başga boldy, aglan men boldum.

Kän oýnadyk Amyderýañ boýunda,
Bugdaý orduk, un gutarsa öýünde,
Şol dostuñ wezipä geçiş toýunda,
Gülen başga boldy, aglan men boldum.

«Erkek» diýlen ada gulluk etdim men,
Ejiz görsem çykmadym hiç hetdimden,
Ýagşylygmyñ dolanaryn şert bilmen,
Bilen başga boldy, aglan men boldum.

Bar, her zadyñ öz müddeti, öz güni,
«Ilden öñ bagryma basdym közümi»,
Kynçylykda öldürmedim özümi,
Ölen başga boldy, aglan men boldum.

Kerim HALLY. Goşgular